***Mekdebe çenli çagalar edaralarynda pedagogik işgärleriň hünärlerini ýokarlandyrmaga, sanlylaşdyrylan tehnologiýalar bilen işlemek mümkinçiliklerini giňeltmäge, olaryň döwrebap innowasiýalary döredijilikli peýdalanmaklaryny gazanmaga uly mümkinçilikler döredilýär. Şu nukdaýnazardan, biziň çagalar bakja-bagymyzyň terbiýeçisi we iňlis dili mugallymy Aýjeren Hangeldiýewa hem ýakynda öz usuly gollanmalarynyň üstüni ýetirip, täze bir elektron görkezme serişdesini taýýarlady. Bu elektron gollanma prezentasiýa görnüşinde bolup, onlarça slaýdlary öz içine alýar.***

Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň ulaglar hakyndaky düşünjelerini ösdürmek, olara okuw maksatnamasy boýunça şu ugurda berilýän sapaklaryň hilini artdyrmak, ýol hereketiniň düzgünlerini wagyz etmek, hünäre bolan söýgüni artdyrmak hem-de bu ugurdaky okuw-terbiýeçilik işlerini mazmunlaşdyrmak maksady bilen taýýarlanylan elektron taslama öz ähmiýetli taraplary bilen tapawutlanýar. Esasy bellemeli ýeri bolsa sapaklary integrirlemekde we interaktiw işjeňligi gazanmakda şeýle serişdeleriň ähmiýeti ýokarydyr.

Elektron gollanmada dürli oýunlary ýerine ýetirmek üçin maglumatlar, türkmen, iňlis dillerinde animasion wideo görnüşler hem ýerleşdirilipdir. Munuň özi köp taraply täsirleri gazanmakda bilim-terbiýeçilik işlerini döwrüň talaplaryna laýyk guramakda netijelidir.

Ajaýyp zamanamyzda ýaş nesilleriň kämil terbiýelenmegi we zamanabap kemala getirilmegi, bilim işgärleriniň döredijilik işjeňliginiň höweslendirilmegi babatda ähli şertleri döredip berýän hormatly Prezidentimize hem-de asylly işlerde belent nusga görkezýän Gahryman Arkadagymyza egsilmez alkyşlar aýdýarys!

**Sähra AKMÄMMEDOWA,**
**Mary etrabynyň 2-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026